# Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça çarçuwaly konwensiýa (şertnama)

## (Tähran konwensiỳasy)

Konwensiýada mundan beýläk Ylalaşýan Taraplar atlandyryljak Kaspiýaka döwletleri:

Azerbaýjan Respublikasy,
Eýran Yslam Respublikasy,
Gazagystan Respublikasy,
Russiýa Federasiýasy,
Türkmenistan,

deňizde we gury ýerde ýerleşýän çeşmelerden howply, zyýanly we beýleki hapalaýjy maddalaryň, galyndylaryň taşlandylaryny, zyňyndylaryny we olaryň ýerleşdirilmegini goşmak bilen, adamyň işiniň netijesinde dörän dürli çeşmelerden Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagy sebäpli, onuň ýagdaýynyň ýaramazlaşandygyny belläp;

Hazar deňziniň biologik baýlyklaryny häzirki we geljekki nesiller üçin gorap saklamak isläp;

gury ýerde geçirilýän işleriň Hazar deňziniň deňiz gurşawyna zyýan ýetirilmezligini üpjün etmegiň zerurlygyny ykrar edip;

deňiz suwunyň derejesiniň üýtgäp durmagy bilen baglanyşykly Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we onuň täsin gidrografik, ekologik dünýäsine, aýratynlyklaryna abanýan howpy duýup;

Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramagyň möhümligini tassyklap;

Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak we saklamak maksady bilen, Ylalaşýan Taraplaryň özara we degişli halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmeginiň wajyplygyny ykrar edip,

şu aşakdakylar hakynda YLALAŞDYLAR:

### I. Umumy düzgünler

1-nji madda. **Adalgalaryň ulanylyşy**

Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin aşakdaky adalgalaryň we söz düzümleriniň aňladýan düşünjeleri:

"Iş meýilnamasy" – Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak we durnukly ösdürmek üçin iş meýilnamasy;

“Dökme (guýma)” – galyndylary ýa-da beýleki serişdeleri gämilerden, uçuş enjamlaryndan, platformalardan ýa-da beýleki emeli usulda ýasalan desgalardan Hazar deňzinde deňiz gurşawyna bilkastlaýyn zyňmak ýa-da gämileri, uçuş enjamlaryny, platformalary ýa-da beýleki emeli usulda ýasalan desgalary Kaspi deňzine bilkastlaýyn zyňmak;

“Howply madda” – zäherleýji, kanserogen, mutagen, teratogen ýa-da bioakkumulýatiw (aýratynam, ol durnukly bolsa) madda;

“Milli edara” – her bir Ylalaşýan Tarapyň belleýän we bu Ylalaşýan Tarapyň şu Konwensiýany, oňa beýanlary ýerine ýetirmek boýunça işlerini utgaşdyryjy edara.

“Hapalanma” – deňiz gurşawyna ondaky biologik baýlyklara, deňiz jandarlaryna zyýan ýetirmek, adamyň saglygyna howp salmak, Hazar deňzini ulanmagyň kanuny görnüşlerine päsgelçilik döretmek ýaly ýaramaz netijelere getirýän ýa-da getirip biljek maddalaryň ýa-da energiýanyň adam tarapyndan gös-göni ýa-da gytaklaýyn zyňylmagy;

“Ýerüsti çeşmelerden hapalanma” – gury ýerde ýerleşen nokatly we aýratynlykda ýerleşen çeşmeleriň (desgalaryň) ähli görnüşlerinden, suw ýa-da howa ýollary bilen, ýa-da gös-göni kenardan, ýa-da ýerlagymlar, geçirijiler arkaly, ýa-da başga ýollar bilen hapalaýjy maddalaryň dökülmegi netijesinde, deňziň hapalanmagy;

“Adatdan daşary ekologik ýagdaý” – tebigy betbagtçylygyň ýa-da adamyň işi bilen baglanyşykly heläkçiligiň netijesinde, Hazar deňziniň deňiz gurşawyna zyýan ýetirýän, ýa-da oňa gutulgysyz hapalanmak, ýa-da başga zyýan ýetmek howpuny döredýän ýagdaý;

“Senagat heläkçiligi” – senagat desgasynda howply we zyýanly maddalar bilen baglanyşykly islendik işiň gidişinde, meselem, şeýle maddalaryň öndürilişiniň, ulanylyşynyň, saklanylyşynyň, göçürilişiniň ýa-da çykarylyşynyň gidişinde, ýa-da olar daşalanda gözegçilik edip bolmaýan üýtgemeleriň netijesinde döreýän hadysa;

“Gämi” – deňiz gurşawynda ulanylýan islendik kysymly gämiler, şol sanda suwasty ganatly gämiler, howa ýassykly gämiler, suwasty gämiler, tirkege alynýan we özi hereket edýän ýüzýän serişdeler, şeýle-de, deňizdäki platformalar we beýleki emeli usulda ýasalan desgalar;

“Ornaşýan ýat (inwaziw) görnüşler” – gelmegi we ýaýramagy Kaspi deňziniň ekologik ulgamyna ýa-da biologik baýlyklaryna ykdysady ýa-da ekologik zyýan ýetirip biljek, bu ýer üçin mahsus bolmadyk ýat görnüşler (jandarlar).

2-nji madda. **Konwensiýanyň maksady**

Şu Konwensiýanyň maksady, Hazar deňziniň biologik baýlyklaryny goramagy, saklamagy, dikeltmegi, durnukly we rejeli peýdalanmagy goşmak bilen, onuň deňiz gurşawyny goramakdyr.

3-nji madda. **Konwensiýanyň ulanylýan ugry (çygry)**

Şu Konwensiýa Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmasyny we ýerüsti çeşmelerden hapalanmagyny hasaba almak bilen, deňiz gurşawy üçin ulanylýar.

## II. Umumy borçnamalar

4-nji madda. **Umumy borçnamalar**

Ylalaşýan Taraplar:

(a) Hazar deňziniň hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri özbaşdak ýa-da bilelikde görýärler;

(b) Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak, saklamak we dikeltmek üçin ähli zerur çäreleri özbaşdak ýa-da bilelikde görýärler;

(ç) Hazar deňziniň baýlyklaryny deňiz gurşawyna zyýan ýetirmän peýdalanýarlar;

(g) şu Konwensiýanyň maksatlaryna ýetmek üçin, biri-biri we doly ygtyýarly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýärler.

5-nji madda. **Konwensiýanyň ýörelgeleri**

Şu Konwensiýanyň maksatlaryna ýetmek we onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin, Ylalaşýan Taraplar öz hereketlerinde şu aşakdaky ýörelgelerden ugur alýarlar:

(a) ätiýaçlyk çärelerini görmek ýörelgesinden; oňa laýyklykda, Kaspi deňziniň deňiz gurşawyna uly ýa-da öňüni alyp bolmajak zyýanyň ýetmek howpunyň bar ýagdaýynda, doly ylmy ynamyň ýokdugyna salgylanmalar şeýle zyýanyň öňüni almak boýunça ykdysady taýdan netijeli çäreleriň möhletini yza süýşürmek üçin esas hökmünde ulanylmaýar;

(b) "hapalaýan töleýär" ýörelgesinden; oňa laýyklykda, hapalaýan Kaspi deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek boýunça çäreleri amala aşyrmak üçin çykdajylary töleýär;

(ç) Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagy hakyndaky maglumatlary elýeterli etmek ýörelgesinden; oňa laýyklykda, Ylalaşýan Taraplar birek-birege degişli maglumatlary mümkingadar doly möçberde berýärler.

6-njy madda. **Hyzmatdaşlyk etmek wezipesi**

Ylalaşýan Taraplar şu Konwensiýanyň ýerine ýetirilmegi üçin goşmaça çäreleri, düzgünleri we standartlary belleýän beýanlary işläp düzmekde iki taraply we köptaraply esasda hyzmatdaşlyk edýärler.

## III. Hapalanmanyň öňüni almak, ony azaltmak we oňa gözegçilik etmek

7-nji madda. **Ýerüsti çeşmelerden hapalanma**

1. Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň ýerüsti çeşmelerden hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin çäreleri görýärler.

2. Ylalaşýan Taraplar şu Konwensiýa Hazar deňziniň ýerüsti çeşmelerden hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek boýunça çäreleri belleýän beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler. Şeýle beýanlar, şol sanda, şu aşakdaky çäreleri hem öz içine alyp biler:

(a) hapalaýjy maddalaryň zyňylmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin az galyndyly we galyndysyz tehnologiýalary ulanmagy;

(b) ýerüsti çeşmelerden hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin, Ylalaşýan Taraplaryň milli edaralarynyň zyňylýan hapa suwlary dökmäge ygtyýarnama bermegini;

(ç) zyňylýan hapa suwlary dökmäge ygtyýarnama berlende, ekologiýa taýdan esaslandyrylan tehnologiýany ornaşdyrmagy;

(d) şu bendiň (b), (ç) kiçi bentlerinde göz öňünde tutulan talaplardan has berk talaplary bellemegi; Hazar deňziniň suwunyň ýa-da ekologik ulgamynyň ýagdaýy ony talap eden ýagdaýlarynda, bu talaplar şu Konwensiýa goşmaça beýanlar esasynda kesgitlenilýär;

(e) şol sanda, zerur ýerinde şäheriň zyňylýan hapa suwlaryny arassalamagyň dürli görnüşlerini döwürleýin ulanmagy;

(f) kommunal we senagat çeşmelerinden gelýän organiki maddalaryň gelmesini kemeltmek üçin, bar bolan iň oňat tehnologiýalary ulanmagy;

(g) aýratynlykda ýerleşen, şol sanda oba hojalygyndaky çeşmelerden gelýän organiki maddalary hem goşmak bilen, howply maddalaryň akmasyny kemeltmek üçin, bar bolan iň oňat usullary ulanmagy;

(h) gury ýerde ýerleşip, Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ýaramaz täsir edip duran hapalaýjy çeşmeleri duruzmagy we doly ýapmagy.

3. Eger hapalaýjylar iki ýa-da ondan hem köp Ylalaşýan Taraplaryň çäklerinden akyp geçýän, ýa-da olaryň arasynda araçägi emele getirýän ýapdan akyp gelip, Hazar deňziniň hapalanmagyna getirýän bolsa, Ylalaşýan Taraplar, maksada laýyk ýagdaýynda, bolup biljek hapalanma meselesini ýüze çykarmak, çözmek üçin bilelikdäki jogapkär edaralary döretmegi goşmak bilen, şeýle hapalanmanyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek boýunça ähli zerur çäreleri görmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

8-nji madda. **Deňziň düýbünde alnyp barylýan işleriň netijesinde hapalanma**

Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň onuň düýbünde alnyp barylýan işleriň netijesinde hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri görýärler. Bu maksatlar üçin, olar şu Konwensiýa beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlygy goldaýarlar.

9-njy madda. **Gämilerden hapalanma**

Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň gämilerden hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri görýärler we bu maksat bilen, şu Konwensiýa degişli halkara talaplaryny göz öňünde tutýan, arkalaşykly çäreleri, düzgünleri we standartlary belleýän beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

10-njy madda. **Dökmäniň netijesinde hapalanma**

1. Ylalaşýan Taraplar olaryň baýdaklarynyň astynda ýüzýän gämilerden we olaryň çäklerinde bellige alnan howa gämilerinden dökmäniň netijesinde Hazar deňziniň hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri görýärler.

2. Ylalaşýan Taraplar şu netijelere ýetmek üçin, şu Konwensiýa arkalaşylan çäreleri, düzgünleri we standartlary belleýän beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

3. Gämä ýa-da howa gämisine deňizde doly weýran bolmak ýa-da doly ýitmek howpy abananda, ýa-da adamlaryň we deňiz jandarlarynyň ýaşaýşyna howp salýan islendik ýagdaý ýüze çykanda, dökmäniň şeýle howpuň öňüni almak üçin ýeke-täk çykalga bolan ýagdaýynda, dökmäniň netijesinde ýetirilen zyýanyň dökülmedik ýagdaýda ýetiriljek zyýandan az boljakdygyny çaklamak üçin ähli esaslar bolanda, şu Maddanyň 1-nji we 2-nji bentleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle dökme adamlaryň we deňiz jandarlarynyň ýaşaýşyna abanjak howpy ýa-da, sebit düzgünlerini goşmak bilen, deňziň ulanylýan halkara, hukuk düzgünlerine laýyklykda kanuny ulanylmagyna päsgelçilik döredýän ýagdaýlary aradan aýyrmak, iň az derejä ýetirmek üçin amala aşyrylýar. Geçirilen dökme barada Ylalaşýan Taraplara habar berilýär.

11-nji madda. **Işleriň başga görnüşleriniň netijesinde hapalanma**

1. Ylalaşýan Taraplar, ýerleri özleşdirmegi we onuň bilen baglanyşykly toprak çykarmak, gaçy galdyrmak boýunça işleri goşmak bilen, 7-10-njy maddalarda bellenip geçilmedik işleriň görnüşleriniň netijesinde, Hazar deňziniň hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin ähli zerur çäreleri görýärler.

2. Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmasynyň onuň ekologik ulgamyna ýetirýän zyýanyny peseltmäge niýetlenen adamyň işiniň bolup biljek ýaramaz täsirlerini azaltmak üçin ähli zerur çäreleri görýärler.

12-nji madda. **Ýat (inwaziw) görnüşleriň (jandarlaryň) aralaşmagynyň öňüni almak, olara gözegçilik etmek we olara garşy göreşmek**

Ylalaşýan Taraplar ýat (inwaziw) görnüşleriň (jandarlaryň) Hazar deňzine aralaşmagynyň öňüni almak, olara gözegçilik etmek we olara garşy göreşmek boýunça ähli zerur çäreleri görýärler.

13-nji madda. **Adatdan daşary ekologik ýagdaýlar**

1. Ylalaşýan Taraplar adamyň işiniň netijesinde döreýän tebigy betbagtçylyklaryň ýa-da heläkçilikleriň netijelerinden adamlary, deňiz gurşawyny goramak üçin ähli zerur çäreleri görýärler we bu ugurda hyzmatdaşlyk edýärler. Munuň üçin, dikeltmek boýunça çäreleri goşmak bilen, önüni almak, taýýarlygy we täsir etmegi üpjün etmek boýunça çäreler görülýär.

2. Öňüni alyş çärelerini we taýýarlygy üpjün etmek boýunça çäreleri görmek maksady bilen, çäginde şeýle ýagdaý ýüze çykyp biljek Ylalaşýan Tarap, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde adatdan daşary ekologik ýagdaýlara getirip biljek işleriň howply görnüşlerini ýüze çykarýar we meýilnamalaşdyrylýan ýa-da amala aşyrylýan islendik şeýle iş barada beýleki Ylalaşýan Taraplara habar berilmegini üpjün edýär. Ylalaşýan Taraplar işleriň howply görnüşleriniň deňiz gurşawyna edýän täsirini kesgitlemek we töwekgelçilikleri azaltmak boýunça çäreleri geçirmek hakynda ylalaşýarlar.

3. Ylalaşýan Taraplar senagat heläkçilikleri we adatdan daşary ekologik ýagdaýlar hakynda öňünden habar bermek boýunça ulgamy döretmekde hyzmatdaşlyk edýärler. Adatdan daşary ekologik ýagdaýda ýa-da onuň gutulgysyz howp salýan ýagdaýynda, çäginde şeýle ýagdaý emele gelen Ylalaşýan Tarap bu täsire sezewar bolup biljek Ylalaşýan Taraplara bu barada degişli derejede bökdençsiz habar berilmegini üpjün edýär.

4. Ylalaşýan Taraplar, adatdan daşary ekologik ýagdaýlarda şeýle çäreleri görmek üçin ulanylýan degişli enjamlaryň we ýokary hünärli işgärleriň bolmagyny goşmak bilen, adatdan daşary ekologik ýagdaýlara degişli taýýarlygy üpjün etmek we saklamak boýunça ähli zerur çäreleri görýärler.

## IV. Deňiz gurşawyny goramak, saklamak we dikeltmek

14-nji madda. **Biologik baýlyklary goramak, saklamak, dikeltmek we rejeli peýdalanmak**

1. Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň biologik baýlyklaryny goramaga, saklamaga, dikeltmäge, şeýle-de, rejeli peýdalanmaga aýratyn üns berýärler. Şeýle-de, olar şu aşakdaky işleri geçirmek üçin, bar bolan iň oňat ylmy maglumatlaryň esasynda ähli zerur çäreleri görýärler:

(a) adamlaryň iýmite bolan islegleri kanagatlandyrylanda, durmuş, ykdysady maksatlara ýetilende, ekologik deňagramlylygy saklamak maksady bilen, biologik baýlyklaryň mümkinçiliklerini ösdürmek we ýokarlandyrmak;

(b) görnüşleriň arasyndaky gatnaşygy göz öňünde tutmak bilen, deňiz görnüşleriniň köpelmesini olaryň ulanylmagynyň degişli ekologik we ykdysady

ýagdaýlar esasynda kesgitlenýän mümkin bolan durnukly möçberlerini üpjün etmäge mümkinçilik berýän derejelerde saklamak ýa-da dikeltmek;

(ç) biologik görnüşleriň çendenaşa ulanylmagy netijesinde, olara ýitip ýok bolmak howpy abanmajak şertleri üpjün etmek;

(d) balyklaryň senagat derejesinde iýmit maksatlary üçin köpçülikleýin tutulýan we olar bilen ugurdaş az ähmiýetli görnüşleri tutulýan döwründe ýitgileriň iň az bolmagyny üpjün edýän saýlama usullarynyň ösdürilmegine we ulanylmagyna ýardam bermek;

(e) endemik (diňe şu ýerde duşýan), seýrek duş gelýän we ýitip ýok bolmak howpy abanýan biologik görnüşleri goramak, saklamak we dikeltmek;

(f) seýrek duş gelýän, ýitip ýok bolmak howpy abanýan görnüşleriň biodürlüligini we olaryň ýaşaýan ýerlerini, şeýle-de, durnuklylygy gowşak ekologik ulgamy gorap saklamak.

2. Ylalaşýan Taraplar biologik baýlyklary goramak, saklamak we dikeltmek boýunça zerur çäreleri geçirmek üçin, şu Konwensiýa beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

15-nji madda. **Deňziň golaýyndaky onuň täsiri ýetýän gury ýeri dolandyrmak**

Ylalaşýan Taraplar deňziň golaýyndaky onuň täsiri ýetýän gury ýeri meýilnamalaşdyrmak, dolandyrmak boýunça milli ýörelgeleri we meýilnamalary işläp düzmek, ýerine ýetirmek üçin zerur çäreleri görmäge çalyşýarlar.

16-njy madda. **Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmagy**

Ylalaşýan Taraplar şu Konwensiýa Hazar deňziniň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmasynyň netijelerini öwrenmek üçin zerur ylmy barlaglary geçirmegi we mümkin bolşuna görä, deňziň suwunyň üýtgäp durmasynyň ýetirýän zyýanyny azalmak boýunça arkalaşykly çäreleri we düzgünleri belleýän beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

## V. Düzgünler

17-nji madda. **Hazar deňziniň deňiz gurşawyna täsirleri kesgitlemek**

1. Her bir Ylalaşýan Tarap Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ep-esli ýaramaz täsirleri ýetirip biljek meýilnamalaşdyrylýan islendik işiň daşky gurşawa täsirini kesgitlemegiň düzgünlerini ulanmak üçin, ähli zerur çäreleri görýär.

2. Her bir Ylalaşýan Tarap şu maddanyň 1-nji bendine laýyklykda amala aşyrylan daşky gurşawa täsiriň kesgitlenişiniň netijeleriniň beýleki Ylalaşýan Taraplaryň arasynda ýaýradylmagy üçin ähli zerur çäreleri görýär.

3. Ylalaşýan Taraplar şu Konwensiýa Hazar deňziniň deňiz gurşawyna täsiri serhetüsti baglanyşykda kesgitlemegiň düzgünlerini belleýän beýanlary işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

18-nji madda. **Ylalaşýan Taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk**

1. Ylalaşýan Taraplar, Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagynyň öňüni almaga, ony azaltmaga, oňa gözegçilik etmäge, şeýle-de, gurşawy goramaga, saklamaga, dikeltmäge gönükdirilen dünýä tejribesinde umumy kabul edilen talaplary göz öňünde tutmak bilen, şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelýän düzgünleri, standartlary, hödürlenilýän usullary we kadalary kesgitlemekde, işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

2. Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek, şeýle-de, deňiz gurşawyny goramak, saklamak we dikeltmek maksady bilen Ylalaşýan Taraplar, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak üçin işleriň Meýilnamasyny düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

3. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji paragraflarynda beýan edilen öz borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin, Ylalaşýan Taraplar, hususan-da, özbaşdak ýa-da bilelikde:

(a) Hazar deňzini hapalaýan ýa-da onuň hapalanmagyna getirip biljek çeşmeleri ýüze çykarmak maksady bilen, maglumatlary ýygnamak, toplamak we anyklamak, beýleki Ylalaşýan Taraplar bilen degişli maglumatlary alyşmak;

(b) suwuň hiliniň we mukdarynyň monitoringiniň (gözegçilik) maksatnamalaryny işläp düzmek;

(ç) adatdan daşary ekologik ýagdaýlar üçin hereket etmegiň meýilnamalaryny işläp düzmek;

(d) galyndylary dökmegiň, zyňmagyň, aýyrmagyň kada görkezijilerini işläp düzmek, şeýle-de, gözegçilik maksatnamalarynyň netijeliligini kesgitlemek;

(e) suwuň hilini kesgitlemegiň kada görkezijilerini we ölçeglerini işläp düzmek, zerur ýerinde, suwuň bar bolan hilini saklamak, gowulandyrmak üçin zerur çäreleri teklip etmek;

(f) oba hojalyk ýerlerinden, şäherlerden we beýleki çeşmelerden akýan suwlary goşmak bilen, nokatly, aýratynlykda ýerleşen munisipal we senagat çeşmelerden hapalanmany azaltmak üçin işleriň sazlaşdyrylan maksatnamalaryny işläp düzmek boýunça işleri geçirýärler.

19-njy madda. **Monitoring**

1. Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýynyň monitoringiniň degişli özbaşdak we/ýa-da bilelikdäki maksatnamalaryny döretmek, amala aşyrmak üçin tagallalary edýärler.

2. Ylalaşýan Taraplar Hazar deňzine zyňylmasynyň we onda toplanmasynyň monitoringi amala aşyrylýan hapalaýjy maddalaryň sanawyny we ölçeglerini ylalaşýarlar.

3. Ylalaşýan Taraplar Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýyny, onuň hapalanmagynyň öňüni almak, ony azaltmak, oňa gözegçilik etmek üçin görülýän çäreleriň netijeliligini kesgitlemegi özbaşdak we/ýa-da bilelikde yzygider geçirýärler.

4. Ylalaşýan Taraplar monitoring maksatnamalaryny, ölçeýiş ulgamlaryny, seljeriş, maglumatlary işläp taýýarlaýyş we olaryň hilini kesgitleýiş usullaryny taýýarlamagyň, ulanmagyň düzgünlerini döretmek üçin tagallalary edýärler.

5. Ylalaşýan Taraplar kararlary kabul etmäge esas we hünärmenler, iş dolandyryjylar we ilat üçin maglumatlar, bilim çeşmesi bolan merkezleşdirilen maglumatlar binýadyny işläp taýýarlaýarlar.

## 20-nji madda. **Ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar**

Ylalaşýan Taraplar ylmy barlaglary geçirmekde we Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagynyň öňüni almagyň, ony azaltmagyň, oňa gözegçilik etmegiň netijeli usullaryny işläp taýýarlamakda hyzmatdaşlyk edýärler. Munuň üçin, Ylalaşýan Taraplar, zerurlygyna görä, ýörite ylmy maksatnamalary işläp taýýarlamak ýa-da çaltlandyrmak boýunça, hususan-da:

(a) zyýanly maddalaryň zäherliligini kesgitlemegiň we olaryň Hazar deňziniň ekologik ulgamyna täsirini öwrenmegiň usullaryny işläp taýýarlamaga; (b) bar bolan iň oňat tehnologiýalary işläp taýýarlamaga we ulanmaga;

(ç) hapalanmany döredip biljek maddalary dolanyşykdan aýyrmaga we/ýa-da olary başga maddalar bilen çalyşmaga;

(d) howply maddalary aýyrmagyň ekologik taýdan esaslandyrylan ýa-da howpsuz usullaryny işläp taýýarlamaga;

(e) drenaž işlerini we hapa suwlaryň akymyny tertibe salmak boýunça işleriň ekologik taýdan esaslandyrylan ýa-da howpsuz usullaryny işläp taýýarlamaga;

(f) hapalanmanyň ýetiren zyýanyny kesgitlemäge;

(g) deňziň suwunyň derejesiniň üýtgäp durmasyny weşeýle üýtgäp durmanyň deňiz we kenarýaka ekologik ulgamyna täsirini goşmak bilen, Hazar deňziniň ekologik ulgamynyň gidrologik kadalary we üýtgäp durmagy hakynda bilimleri kämilleşdirmäge;

(h) Hazar deňzinde radiasiýanyň we radioaktiwligiň derejesini öwrenmäge gönükdirilen tagallalary edýärler.

## 21-nji madda. **Maglumatlary alyşmak we olary almagyň ýollary**

1. Şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda, Ylalaşýan Taraplar gös-göni ýa-da Kätipligiň üsti bilen maglumatlary yzygider esasda alyşýarlar.

2. Ylalaşýan Taraplar öz kanunlaryna laýyklykda, jemgyýetçiligiň deňiz gurşawy hakynda maglumatlary alyp bilmekleri hakynda halkara ylalaşyklarynyň düzgünlerini göz öňünde tutup, jemgyýetçiligi Kaspi deňziniň

deňiz gurşawynyň ýagdaýy hakyndaky maglumatlar bilen üpjün etmäge çalyşýarlar.

## VI. Guramaçylyk düzümleri

22-nji madda. **Ylalaşýan Taraplaryň Maslahaty**

1. Şu maddanyň esasynda Ylalaşýan Taraplaryň Maslahaty döredilýär.
2. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahaty onuň düzümine her bir Ylalaşýan Tarapdan bir sesi bolan bir wekiliň girizilmeginden düzülýär. Her bir wekiliň bir ýa-da birden köp geňeşçisi bolup biler.
3. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň birinji mejlisi Konwensiýanyň güýje girizilen senesinden on iki aýdan gijä goýulman çagyrylýar. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň ondan soňky mejlisleri birinji mejlisiň gidişinde bellenen döwürleýinlikde yzygider esasda geçirilýär.
4. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň nobatdan daşary mejlisleri, Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň karary esasynda, zerur bolan ýagdaýynda, ýa-da islendik Ylalaşýan Tarapyň ýazmaça talaby boýunça, bu talap beýleki Ylalaşýan Taraplaryň azyndan ikisi tarapdan goldanan ýagdaýynda geçirilýär.
5. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň mejlisleri nobat boýunça, iňlis elipbiýiniň tertibine laýyklykda Ylalaşýan Taraplaryň çäginde ýa-da Kätipligiň ýerleşýän ýerinde geçirilýär.
6. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň başlygynyň wezipesi nobat boýunça, her bir Ylalaşýan Tarap tarapyndan, iňlis elipbiýiniň tertibine laýyklykda ýerine ýetirilýär. Eger başlygyň wezipesi boşasa, Maslahatda başlyklyk edýän Ylalaşýan Tarap şol Ylalaşýan Tarapyň ygtyýarlyklarynyň möhleti gutarýança bu wezipede galýan wezipäni ýerine ýetirijini belleýär.
7. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň iş dili iňlis dili we Ylalaşýan Taraplaryň döwlet dilleridir. Şu Konwensiýanyň Kätipligi Konwensiýanyň edaralarynyň BMG-niň resmi dillerinde işlemegini üpjün edýär.
8. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň ähli kararlary biragyzdan kabul edilýär.
9. Ylalaşýan Taraplaryň Maslahaty özüniň birinji mejlisinde:

(a) Konwensiýanyň zerur boljak beýleki edaralaryny döretmek;

(b) onuň ýerleşýän ýerini we işgärleriň toplanyşyny goşmak bilen, şu Konwensiýanyň Kätipligini döretmek meseleleri;

(ç) Kätipligiň we onuň kömekçi edaralarynyň tertibiniň düzgünleri, maliýe düzgünleri boýunça kararlary kabul eder.

10. **Ylalaşýan Taraplaryň Maslahatynyň wezipeleri:**

(a) şu Konwensiýanyň, oňa beýanlaryň esaslarynyň, işleriň Meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

(b) şu Konwensiýany we oňa beýanlary yzygider gözden geçirmek;

(ç) şu Konwensiýa ýa-da oňa beýanlara goşmaça beýanlary ýa-da düzedişleri maslahatlaşmak we olary kabul etmek; zerur bolan ýagdaýynda, şu

Konwensiýa we oňa beýanlara goşundylary, şeýle-de, şeýle goşundylara düzedişleri kabul etmek;

(d) Ylalaşýan Taraplaryň berýän hasabatlaryny almak, olara seretmek, şeýle-de, Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň ýagdaýy hakynda maglumatlary düzmek, onuň ýagdaýyny, hususan-da, Ylalaşýan Taraplaryň we islendik ygtyýarly halkara guramalarynyň beren hasabatlarynyň esasynda, onuň hapalanyş ýagdaýyny, hapalanmanyň ýetirýän täsirini kesgitlemek;

(e) Kätipligiň şu Konwensiýa bilen baglanyşykly meseleler boýunça taýýarlan hasabatlaryna seretmek;

(f) zerur bolan ýagdaýynda, şu Konwensiýanyň maksatlaryna ýetmek üçin, degişli halkara guramalaryna, ylmy institutlara tehniki, maliýe hyzmatlary etmegi sorap ýüz tutmak;

(g) şu Konwensiýany we oňa beýanlary ýerine ýetirmek üçin zerur bolan şeýle kömekçi edaralary döretmek;

(h) şu Konwensiýanyň Ýerine ýetiriji Kätibini, zerurlygyna görä, Ylalaşýan Taraplaryň deň wekilçiligini göz öňünde tutup, beýleki zerur işgärleri bellemek;

(i) şu Konwensiýanyň maksatlaryna ýetmek üçin zerur boljak islendik beýleki işleri ýerine ýetirmek:

23-nji madda. **Konwensiýanyň Kätipligi**

1. Şu maddanyň esasynda Konwensiýanyň Kätipligi döredilýär.

2. Kätiplik Konwensiýanyň Ýerine ýetiriji Kätibinden we aşakda görkezilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur işgärlerden düzülýär.

3. Ýerine ýetiriji Kätip şu Konwensiýanyň Kätipliginiň esasy ýolbaşçy (iş dolandyryjy) işgäridir. Ol şu Konwensiýanyň Kätipliginiň Taraplaryň Maslahatynyň kabul eden tertibiniň düzgünlerine we maliýe düzgünlerine laýyklykda kesgitlenen işini dolandyrmak üçin zerur bolan wezipeleri ýerine ýetirýär.

4. Kätipligiň wezipeleri:

(a) Taraplaryň Maslahatynyň we onuň kömekçi edaralarynyň mejlislerini guramak we geçirmek;

(b) nutuklary, habarlary taýýarlamak, olary we beýleki alnan maglumatlary Ylalaşýan Taraplara bermek;

(ç) Ylalaşýan Taraplardan alynýan maglumatlara, sargytlara seretmek, şu Konwensiýany we oňa beýanlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça olar bilen maslahatlaşmak;

(d) şu Konwensiýany we oňa beýanlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça hasabatlary taýýarlamak we ýaýratmak;

(e) maglumatlar binýadyny döretmek we ýöretmek, Ylalaşýan Taraplaryň kanunlary, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramaga degişli halkara hukuk namalary hakynda maglumatlary bermek;

(ä) şu Konwensiýanyň we oňa beýanlaryň netijeli ýerine ýetirilmegi üçin, islendik Ylalaşýan Tarapyň haýyşy boýunça, tehniki ýardam we maslahatlar bermegi üpjün etmegi guramak;

(f) şu Konwensiýa beýanlara laýyklykda bellenilip bilinjek beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek;

(g) sebit we halkara guramalary, maksatnamalary bilen bolmalysy ýaly hyzmatdaşlyk etmek;

(h) şu Konwensiýanyň esaslaryny ýerine ýetirmek üçin, Taraplaryň Maslahaty tarapyndan kesgitlenip bilinjek beýleki wezipeleri ýerine ýetirmek.

## VII. Beýanlar we goşundylar

### 24-nji madda. **Beýanlaryň kabul edilişi**

1. Islendik Ylalaşýan Tarap şu Konwensiýa beýanlary kabul etmek hakynda teklip girizip biler. Şeýle beýanlar Taraplaryň Maslahatynyň biragyzdan karar etmegi boýunça kabul edilýär. Eger beýanlarda başga tertip göz öňünde tutulmadyk bolsa, beýanlar olary Ylalaşýan Tarap öz kanunlaryna laýyklykda tassyklandan, kabul edenden soňra güýje girýär. Beýanlar şu Konwensiýanyň aýrylmaz bölegidir.

2. Kätiplik teklip edilen islendik beýanyň ýazgysyny Taraplaryň Maslahatynyň mejlisiniň açylmagyndan azyndan alty aý öň Ylalaşýan Taraplara iberýär. Ýazgyda beýany kabul etmek teklip edilýär.

### 25-nji madda. **Goşundylaryň we düzedişleriň kabul edilişi**

1. Şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana goşundylar şu Konwensiýanyň ýa-da oňa beýanyň aýrylmaz bölegidir. Eger başga düzgün anyk göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Konwensiýa ýa-da oňa beýanlara salgylanma şol bir wagtda olara islendik goşunda salgylanmadyr. Şeýle goşundylar düzgün, ylmy, tehniki we iş dolandyryş meseleleri bilen çäklenýär.

2. Şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana goşundylar şu Konwensiýanyň 24-nji maddasynda beýan edilen düzgüne laýyklykda teklip edilýär we kabul edilýär.

3. Şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana goşundylara düzedişleri teklip etmek, kabul etmek we güýje girizmek düzgüne laýyklykda düzgünleşdirilýär. Düzgün şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana goşundylary teklip etmek, kabul etmek we güýje girizmek üçin bellenendir.

4. Eger şu Konwensiýa goşundy ýa-da goşunda düzediş şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana düzediş girizmek bilen baglanyşykly bolsa, onda şeýle goşundy ýa-da düzediş diňe şu Konwensiýa ýa-da oňa degişli beýana düzediş güýje girenden soňra güýje girýär.

## VIII. Konwensiýanyň amala aşyrylyşy we berjaý edilişi

### 26-njy madda. **Konwensiýanyň amala aşyrylyşy**

1. Her bir Ylalaşýan Tarap şu Konwensiýanyň düzgünleriniň onuň çäginde we garamagynda ýerine ýetirilmegini utgaşdyrýan milli edarany kesgitleýär.

2. Şu Konwensiýanyň düzgünleri Ylalaşýan Taraplaryň şu Konwensiýada bellenen çärelerden has berk çäreleri özbaşdak we/ýa-da bilelikde kabul etmek we amala aşyrmak hukugyna täsir etmeýär.

27-nji madda. **Hasabatlar**

Her bir milli edara şu Konwensiýanyň Kätipligine şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin görülen çäreler hakynda hasabatlary Taraplaryň Maslahatynyň kesgitlän görnüşinde we döwürleýinliginde berýär. Şu Konwensiýanyň Kätipligi alnan hasabatlary ähli Ylalaşýan Taraplara iberýär.

28-nji madda. **Konwensiýanyň berjaý edilişi**

Ylalaşýan Taraplar şu Konwensiýanyň ýa-da oňa beýanlaryň düzgünlerini her bir Ylalaşýan Tarapyň berjaý etmegini üpjün etmek boýunça düzgünleri işläp düzmekde hyzmatdaşlyk edýärler.

29-njy madda. **Ýetirilen zyýan üçin maddy jogapkärçilik we zyýanyň öweziniň dolunyşy**

Ylalaşýan Taraplar halkara hukugynyň degişli ýörelgelerini we kadalaryny göz öňünde tutup, şu Konwensiýanyň we oňa beýanlaryň düzgünleriniň bozulmagynyň netijesinde, Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ýetirilen zyýan üçin maddy jogapkärçilige, zyýanyň öwezini dolmaga degişli düzgünleri we tertipleri işläp taýýarlamak boýunça tagallalar edýärler.

30-njy madda. **Dawalaryň çözülişi**

Ylalaşýan Taraplaryň arasynda şu Konwensiýany ulanmak ýa-da düşündirmek babatda dörän dawalar maslahatlaşmak, gepleşikleri geçirmek ýa-da Ylalaşýan Taraplaryň isleglerine görä, beýleki parahatçylyk ýollary bilen çözülýär.

**IX. Jemleýji maddalar**

31-nji madda. **Konwensiýa gol çekmek, ony kabul etmek, tassyklamak we oňa goşulmak**

1. Şu Konwensiýa diňe Hazarýaka döwletleriniň gol çekmegi üçin, Tähran şäherinde 2003-nji ýylyň Sanjar aýynyň 4-inden 2004-nji ýylyň Sanjar aýynyň 3-ine çenli açykdyr.

2. Konwensiýa Hazarýaka döwletleri tarapyndan kabul edilmäge ýa-da tassyklanmaga degişlidir. Konwensiýa onuň gol çekilmek üçin ýapylan senesinden başlap, islendik Hazarýaka döwletiniň goşulmagy üçin açyk bolar.

3. Konwensiýany kabul etmek, tassyklamak ýa-da oňa goşulmak hakyndaky resminamalar Depozitarä saklamak üçin tabşyrylýar.

32-nji madda. **Bellikler**

Şu Konwensiýa hiç hili bellikler etmäge ýol berilmeýär.

33-nji madda. **Konwensiýanyň güýje girizilişi**

Şu Konwensiýa onuň kabul edilmegi, tassyklanylmagy ýa-da oňa goşulmak hakynda resminamalar saklamaga tabşyrylandan soňra, togsanynjy gün güýje girýär.

34-nji madda. **Konwensiýa ýa-da beýanlara düzedişler**

1. Islendik Ylalaşan Tarap şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana düzedişleri teklip edip biler. Şeýle düzedişler Taraplaryň Maslahatynyň mejlisinde biragyzdan karar etmek arkaly kabul edilýär.
2. Şu Konwensiýa ýa-da oňa islendik beýana düzedişler şu Konwensiýanyň güýje girizilmegi üçin göz öňünde tutulan düzgüne laýyklykda güýje girizilýär.

35-nji madda. **Depozitariý**

Eýran Yslam Respublikasy şu Konwensiýanyň Depozitarisidir.

36-njy madda. **Asyl nusgadaky ýazgylar**

Şu Konwensiýanyň azerbaýjan, gazak, rus, türkmen, pars we iňlis dillerindäki ýazgylary birmeňzeş asyl nusgadadyr, olar Depozitarä saklamak üçin tabşyrylýar. Şu Konwensiýanyň ýa-da oňa beýanlaryň düşündirilişi ýa-da ulanylyşy boýunça jedeller ýüze çykanda, olaryň iňlis dilindäki ýazgysy ulanylýar.

37-nji madda. **Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşiklere garaýyş**

Şu Konwensiýanyň hiç bir düzgüni Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşikleriň netijesini öňünden kesgitleýän düzgün hökmünde düşündirilmeýär.

Aşakda gol çekenler gol çekmäge doly derejede ygtyýarlydyklaryny tassyklamak üçin şu Konwensiýa gol çekdiler.

Iki müň üçünji ýylyň Sanjar aýynyň dördünde Tähran şäherinde ylalaşyldy.